# ŞEKILLEDIRIŞ SUNGATY

# 6

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň
6-synpy üçin derslik

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan neşire hödürlendi*

Täze neşir



Daşkent – 2022

UOK 75(075.3)
KBK 85.14ya72
M 79

*Düzüjiler:*
**Husan Muratow, Dilnoza Mirhakimowa, Kamoliddin Abdullaýew**

*Syn ýazanlar:*
**B. Baýmetow** – Daşkent welaýaty Çyrçyk döwlet pedagogika institutynyň sungat fakulteti şekillendiriş sungaty kafedrasynyň pedagogika ylymlarynyň kandidaty Özbegistan Çeper döredijiler bileleşiginiň agzasy.
**M. Ahmedow** – Nyzamy adyndaky Daşkent döwlet pedagogika uniwersitetiniň şekillendiriş sungaty kafedrasynyň dosenti.
**S. Mansurowa** – Daşkent şäher Ýunusabad etrabyndaky 274-nji umumy orta mekdebiň şekillendiriş sungaty we çyzuw mugallymy.
**Ş. Tursunowa** – Daşkent welaýaty Daşkent etrabyndaky 15-nji umumy orta mekdebiň şekillendiriş sungaty we çyzuw mugallymy.

Şekillendiriş sungaty [Tekst]: 6-njy synpy üçin derslik / H.H. Muratow [we başg.]. – Daşkent: Respublikan tälim merkezi, 2022. – 128 s.

ISBN 978-9943-8173-8-8

UOK 75(075.3)
KBK 85.14ya72

## Şertli belgiler:

 *– temany berkitmek üçin soraglar*

 – öý işi

*Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.*

*Original maket we dizaýn konsepsiýasy Respublikan tälim merkezi tarapyndan taýýarlandy.*

ISBN 978-9943-8173-8-8

© Respublikan tälim merkezi, 2022

# MAZMUNY


Giriş ..........4

## I ÇÄRÝEK

**1-nji tema.** «Tomusky suratlandyrmalarym temasynda kompozisiýa işlemek ..........5
**2-3-nji tema.** Güýz peýzažyny işlemek ..........8
**4-5-nji tema.** Maýda plastikadan milliy obrazlaryň heýkelini ýasamak ..........14
**6-njy tema.** Mifologik temada surat işlemek ..........18
**7-nji tema.** Güýz temasynda döredijilikli natýumort işlemek ..........22
**8-nji tema. 1-nji barlag işi.** Güýz temasynda döredijilikli natýumorty reňkde işlemek ..........25
**9-njy tema.** Fluid art uslulynda abstrakt kompozisiýa döretmek ..........28

## II ÇÄRÝEK

**10-njy tema**. Hereket edýän adamyň şekilini işlemek ..........34
**11-nji tema.** Siluet temasynda surat işlemek ..........38
**12-nji tema.** Çeper esere illýustrasiýa işlemek ..........42
**13-nji tema. 2-nji barlag işi.** Siluet temasynda surat işlemek ..........46
**14-nji tema.** Erkin temada komiks işlemek ..........47
**15-16-njy tema.** Gündogar miniatýura sungaty ..........52

## III ÇÄRÝEK

**17-nji tema.** Sirk temasynda kompozisiýa işlemek (erkin usulda) ..........60
**18-nji tema.** Pop art uslulynda haýwanlaryň şekilini işlemek ..........66
**19-njy tema.** Abstrakt kompozitsiýaly maket ýasamak ..........70
**20-nji tema.** 3D uslulunda surat işlemek ..........74
**21-nji tema.** «Zentangle» we «Doodling» usulynda surat işlemek ..........77
**22-nji tema.** Mozaika usulynda şekil işlemek ..........82
**23-nji tema.** Dürli materiallardan fantastik obrazlar ýasamak ..........86
**24-nji tema.** Dürli materiallardan we tehnikalardan peýdalanyp kinetik heýkel ýasamak ..........90
**25-nji tema. 3-nji barlag işi**. «Doodling» usulynda surat işlemek ..........93
**26-njy tema.** Dürli materiallardan peýdalanyp stilizasiýa (stilleşdirme) usulynda heýkel ýasamak ..........94

## IV ÇÄRÝEK

**27-nji tema.** Çäre üçin emblema döretmek ..........100
**28-nji tema.** Plakat grafikasy ..........104
**29-njy tema.** Kosmos temasyndaky abstrakt kompozisiýany kompýuter grafikasynda çekmek we boýamak ..........108
**30-njy tema.** Hyýaldaky modern awtomobiliň suratyny işlemek ..........114
**31-32-nji tema.** Plener (açyk howada işlemek) ..........120
**33-nji tema. 4-nji barlag işi.** «Meniň oýlap tapyşym» temasynda hyýaly surat işlemek ..........124
**34-nji tema.** Döredijilikli sergi ..........125

# GIRIŞ

Gadrly okuwçylar! «Şekillendiriş sungaty» 6-njy synp dersligi bilen siz şekillendiriş sungatynyň ýene-de gyzykly we döwrebap ukup başarnyklaryňyzy özüňiz üçin döredýärsiňiz. Döwrebap şekillendiriş sungatynyň reňkli jadyly dünýäsi size özüniň syrlaryny açýar.

Dersligiň kömeginde surat işlemegiň fluid art, pop art, 3D, «Doodling» we «Zentangle» ýaly täze usullary, kinetik heýkel ýasamak tehnikasy, kompýuter grafikasynda şekil işlemek temalary boýunça bilime, başarnyga we tejribelere eýe bolarsyňyz.

Bu derslik çeper estetik islegiňizi şekillendirýär, döredijilikli pikirlenmegiňizi kämilleşdirýär, sizi döwrebap (innowasion) ideýalaryňyzy döretmägi öwredýär hem-de kesbi-kär eýelemäge gönükdirýär.

«Şekillendiriş sungaty» dersligini berk berkitmegiňizi we özbaşdak döredijilik ýolunda üstünlikleri dileg edýäris!

# I ÇÄRÝEK

## 1-NJI TEMA: «TOMUSKY SURATLANDYRMALARYM» TEMASYNDA KOMPOZISIÝA IŞLEMEK

Tomus paslynda dynç alyşa çykyp, köplenç dynç almak üçin dag etegindäki, dynç alyş mesgenlerine bararsyňyz. Ol ýerde täze dostlar artdyryp, olar bilen gyzykly başdan geçirmeleri bilelikde geçirersiňiz. Şol wagtlar ýadyňyza bir ömre möhürlenip galýar. Täze okuw ýylynyň başynda tomusy nähili geçireniňizi dostlaryňyza hyjuwlylyk bilen aýdyp berersiňiz. Dostlaryňyzyň başdan geçirmelerini höwesli diňleýärsiňiz. Tomusky dynç alyşda ýadyňyzda galan şol lezzetli wagtlaryňyzy «Tomusky suratlandyrmalarym» temasynda albomyňyza düşüriň. Munuň bilen siz çagalyk temalarynda döredilen sungat eserlerini synlamagyňyz, öwrenmegiňiz zerurdyr. Suratçy eserlerinden ylhamlanyp, suratlandyrmak ukubyňyz kämilleşmegine, hem-de ajaýyp suratlar çekmegiňize ynanýarys.

Tomus paslyny suratlandyrmakda günüň yssy we güneşli bolmagyna, reňkleriň ýylylygyna we açyklygyna üns bermek zerur.





*Tomusky dynç alyş mesgeninden pursatlar*





**Hikmat Rahmonow.** *Çagalyk temasdyndaky eserler. Ýagly boýag*

## AMALY IŞI

### «Tomusky suratlandyrmalarym» temasynda kompozisiýa işlemek

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**

- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- galam artýan;
- bozguç;
- akwarel;
- guaş boýagy;
- suw;
- ýörite çotga galamlar;
- palitra.






1



2



3



4



1. Tomusky suratlandyrmalaryňyz hakynda aýdyp beriň.
2. Tomus pasyly nähili reňkler bilen görkezilýär?
3. Tomus we çagalyk temalarynda döredijilik eden haýsy suratçylary bilýärsiňiz?

«Tomusky suratlandyrmalarym» temasynda kompozisiýa işlemegi tamamlamak.

# 2-3-NJI TEMA. GÜÝZ PEÝZAŽYNY IŞLEMEK

Görnüş (peýzaž) — şekillendiriş sungatda tebigat görnüşini suratlandyrýan žanr. Peýzažda şäher görnüşi ýa-da binagärlik toplumlar (binagärlik peýzaž), deňiz görnüşleri (marina) we şular ýalylar şekillendirilýär. Peýzažy dürli akym, ugur we usullarda işlemek mümkin. Mysal üçin, realizm, impressionizm, abstraksionizm we ş.m.

Güýz temasy peýzažçy suratçylar döredijiliginde öňdebaryjy hasaplanylýar. Güýz paslynda reňkleriň köplügi suratçyny saz owazy ýaly özüne çekýär. Köp daşary we ýerli ökde suratçylarymyzyň güýz temasynda döreden şekillendiriş sungat eserlerini kompozision derňew etmek, reňk we tehnika nukdaýnazaryndan berk öwrenmek möhüm. Bu proses biziň güýz temasynda işleýän şekilimiziň janly we ideal we meýilli çykmagynda esas bolup hyzmat edýär.





Özbegistan dag we şäherlerinde güýz peýzažy (foto)

Video üçin baglanyşyk



Güýz peýzažy esasan ýyly (hromatik) reňklerden ybarat bolýar. Sowuk (ahromatik) reňkler bolsa adatda arka planlarda, uzaklyklarda görünýär. Uzakdaky predmetler reňkiniň ahromatik görnüşi howa gatlagynyň täsirinde emele gelýär. Şonuň üçin uzakdaky predmetler asyl reňkine görä gögümtil görnüş alýar.



**Marat Sadikow**. Ýangiabatda güýz. Akwarel

Video üçin baglanyşyk



**Ruslan Halilow.** Irki güýz. Akwarel

## AMALY IŞI

### Güýz peýzažyny galamda işlemek

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**
- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- galam artýan;
- bozguç.






1



2



3



4



«Güýz» temasynda akwarelde işlenen eserlerden nusga göçürmek.

## AMALY IŞI

### Güýz peýzažyny reňkde işlemek

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**
- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- galam artýan;
- bozguç;
- akwarel;
- guaş boýagy;
- suw;
- ýörite çotga galamlar;
- palitra.








1. Peýzaž žanry hakynda nämeleri bilýärsiňiz?
2. Akwarelde «Güýz» temasynda döredijilik eden suratçylardan kimleri bilýärsiňiz?
3.Tomus we güýz pasyllarynyň özüne degişli bolan sypatlaryny aýdyň.

Tebigata seredip «Güýz» temasynda surat işlemek.

# 4-5-NJI TEMA. MAÝDA PLASTIKADAN MILLI OBRAZLARYŇ HEÝKELINI ÝASAMAK

Maýda plastika heýkeltaraşlyk sungatynyň iň giň ýaýran görnüşidir. Maýda plastika başlangyç topar döwründe peýda bolan. Heýkeltaraşlygyň maýda plastika şekilndäki ilkinji nusgalary gadymy dünýä adamlary ýaşan menzillerden tapylypdyr. Olar esasan kiçi göwrümdäki heýkeljikleriň görnüşinde bolan. Döwrebap heýkeltaraşlykda maýda plastika interýerini bezemek üçin niýetlenen kiçi heýkeljikler, adam býusti, haýwanlaryň obrazy ýa-da başga zatlaryň kiçi modeli şekilinde bolmagy mümkin.

Maýda plastikaga antik (gadymy) döwre degişli terrakotadan ýasalan. Täzeden döreýiş döwrüne degişli bronzadan işlenen heýkeljikler, XX asyr halk amaly sungatyna degişli gurjaklar girýär.

Maýda plastika heýkeljikleri dürli hil materiallardan işlenýär. Olaryň hataryna gips, daş, bronza, keramika, çüýşe, mis, poliester we başga materiallary girizmek mümkin.

Temanyň içinde plastilinden maýda plastige degişli kiçi heýkeljik ýasamak üçin kagyzda onuň eskizi şekillendirilip alynýar. Plastilin bilen işlemegiň birinji tapgyrynda heýkeliň umumy hereket plastikasy tapylýar. Indiki tapgyrlarda maýda detallar işlenýär. Soň ähli detallary birikdirip umumy kompozisiýa döredilýär.



*«Pähimli» we «Oturan halatdaky aýal». Miladydan öňki. 3-nji müňýyllyk*



*Maýda plastikada milli obrazlar*



*Maýda plastikada milli obrazlar*

## AMALY IŞI

### Maýda plastikada milli obrazlaryň heýkelini ýasamak

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**
- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- galam artýan;
- bozguç;
- plastilin;
- plastilin bilen işlenilýän abzallary;
- gips ýa-da agaç esas.






1



2



3



4



1. Maýda plastika heýkeltaraşlygyň nähili görnüşi hasaplanýar?
2. Maýda plastikada nähili materiallardan peýdalanylýar?
3. Maýda plastika nusgalaryndan nähili maksatlarda peýdalanylýar?

Maýda plastikada milli obrazlar heýkelini ýasamak.

# 6-NJY TEMA. MIFOLOGIK TEMADA SURAT IŞLEMEK

Mifologik (gadymy gerek dilinde «muthos» – hekaýalar, ertekiler, rowaýatlar) žanrda dürli halklaryň gadymy däp-dessurlary ýa-da ertekileri sýužet üçin esas bolup hyzmat edýär. Mifologik žanrda položitel we otrisatel hyýaly obrazlar bar. Položitel obraza semurg guşuny mysal edip bolar.

Semurg gündogar halklarynyň şahyrana (poetik) döredijiligindäki hyýaly guş obrazydyr. Semurg ýokary uçmak, uzak menzilleri ýakynlaşdyrmak, arzuwlara ýetirmek ýaly gowy häsiýetli endikleriň simwolydyr. Ilkibaşda Eýran mifologiýasynda peýda bolan. Semurg özbek halk erteki we rowaýatlarynda položitel gahrymanyň dosty, goragçysy, hemrasy sypatynda suratlanýar. Türkiý halklarda semurygyň humo, anko, döwlet guşy, bagt guşy, markumomo, kuntubulgon, we başga atlary bar. Semurg obrazy «Gahryman», «Oynayi jahonnamo», «Rustam», «Körpe batyr» ýaly ertekilerde doly şekillendirilen. Semurg obrazy Alyşir Nowaýynyň «Lison ut-taýr» eserinde, Hamid Alymjanyň «Perizat we Bunýod» eserinde hem duş gelýär. Özbekfilm kinostudiýasy 1974-nji ýylda «Semurg» atly filmi döreden. Semurg humo guşy hökmünde Özbegistan Döwlet gerbinde hem şekillendirilen. Daşkentdäki «Türkistan» sungat köşgüniň öňünde semurg guşunyň simwolly monumenti ýerleşdirilen.



*Nodir Dewonbegi medresesiniň üçegine mozaikada işlenen semurgyň şekili.*



*Daşkent. Türküstan sungat köşgi*



*Semurgyň şekilleri*

## AMALY IŞI

### Mifologik temada surat işlemek

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**
- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- galam artýan;
- bozguç;
- reňkli galamlar;
- flomasterler;
- boýaglar;
- çotga galam;
- suw gap;
- palitra.






1



2



3



4



1. Nähili mifologik obrazlary bilýärsiňiz?
2. Çeken şekiliňizi taryp edip beriň?

Mifologik temadaky şekili tamamlaň.

# 7-NJI TEMA. GÜÝZ TEMASYNDA DÖREDIJILIKLI NATÝURMORT IŞLEMEK

Natýurmort (fransuzça «nature morte» — jansyz tebigat) — şekillendiriş sungat žanry. Munda ynsanyň daş-töweregini gurşap durýan durmuşy ýaşaýyş gurşawynda ýerleşen we kompozisiýa taýdan doly topary içine alan zatlar şekillenýär.

Esasan, esbaply suratçylyk (reňkşekil we grafika), bölekleýin heýkeltaraşlykda işlenýär.

Özbegistan şekillendiriş sungatynda natýurmort elementleri gadymy döwür sungatynda (Afrosiýob diwar suratlarynda — güldandaky miweler), miniatýura sungatynda (Kamoliddin Behzodyň Şeýbanyhan portretinde şekillendirilen elementler – galamdan, gamçy) duş gelýär. Natýurmordyň şekillenmegi we kämilleşmegi XX-asyryň 30–50-nji ýyllaryna duş gelýär. Edil şu döwürde suratçylaryň döredijiliginde natýurmordyň ilkinji nusgalary peýda boldy: L. Nasriddinow «Çörekli natýurmort», Ş. Hasanowa «Hytaý çüýşesi bilen işlenen natýurmort» we M. Kurzin, W. Rojdestwenskiý, W. Ufimsew, N. Kaşina, Z. Kowalewskaýa, O. Tatewosýan, S. Abdullaýew, W. Fadeýew, Ý. Yelizarow we başgalar natyurmort žanrynda eserler döretdi. 60–80-nji ýyllarda L. Salimjonowa, Ý. Taldikin, R. Çoriýew, W. Burmakin, Ý. Melnikowlar döredijiliginde natýurmort giň oryn tutýar. Suratçylar R. Ahmedow, A. Ikromjonow, M. Nuriddinow we başgalar natýurmortda üstünlikli döredijilik edip, žanr ösüşini üpjün etdiler.

## Natyurmort žanrynda döredijilik eden suratçylaryň eserlerinden nusgalar

Video üçin baglanyşyk



**Murodjan Jumaşew.** *Natýurmort. Akwarel*



**Ýusuf Ýelizarow.** *Natýurmort. Ýagly boýag*



**Maksud Habibulin.** *Natýurmort*



**Şalola Tolipowa.** *Natýurmort*

# AMALY IŞI

## Güýz temasynda döredijilikli natýurmorty galamda işlemek

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**
- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- galam artýan;
- bozguç.












1. Natýurmort nähili žanr?
2. Natýurmort žanrynda döredijilik eden suratçylardan kimleri bilýärsiňiz?

Güýz temasynda döredijilikli natýurmorty galamda işlemek.

# 8-NJI TEMA: 1-NJI BARLAG IŞ

## Güýz temasynda döredijilikli natýurmorty reňkde işlemek



**Ýuliýa Wernigor.** *Gündogar natýurmorty*



**L. King.** *Güýzki natýurmort*

## AMALY IŞI

### Güýz temasynda döredijilikli natýurmorty reňkde işlemek



**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**

- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- galam artýan;
- bozguç;
- akwarel;
- suw;
- ýörite çotga galam;
- palitra.



1





Video üçin baglanyşyk

2



3



4



1. Güýz paslynda agaç reňkleri näme üçin sary we gyzyl reňke öwrülýär?
2. Hromatik reňkler hakynda aýdyp beriň.

Güýz temasynda döredijilikli natýurmorty reňkde tamamlamak.

# 9-NJY TEMA. FLUID ART USULYNDA ABSTRAKT KOMPOZISIÝA DÖRETMEK

Fluid art goýy reňkler bilen işlenýän şekil bolup, bu tehnikada işlemegiň özeni onuň ady bilen bagly. Gaba dürli hil reňkdäki boýaglary guýmak we garyşdyrmak arkaly siz hyýaly geň galdyrýan üýtgeşik şekilleri döredersiňiz. Suwuk (goýy däl) akril – abstrakt suratyň döwrebap şekili bolup, boýag holst (panno) boýunça akýar we reňkli effektlerini döredýär.







*Fluid art. Fotolar*





*Interýeda fluid art. Foto*

# AMALY IŞI

## Fluid art uslulynda abstrakt kompozisiýa döretmek

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**
- akril reňkli boýaglar;
- PWA ýelim;
- bir gezeklik ellikler;
- öňlük;
- çyg salfetkalar;
- holst ýa-da faner;
- dury gap;
- agaç çöpler;
- suw.




**Fluid art tehnikasynda işlemek üçin aşakdaky serişdeler gerek:**

Akril boýagy. Fluid art üçin dürli akril boýaglaryndan peýdalanmak mümkin.




Boýaglary garyşdyrmak üçin suw.



Dürli reňkleri taýýarlamak üçin dury plastmassa gaplar.



Boýagy garyşdyrmak üçin bize agaç taýaklar hem gerek bolar. Ýa-da kiçi plastik çemçelerden hem peýdalanmak mümkin.



Panno ýa-da holst gerek bolar, üsti tekiz ýönekeý faner böleginden hem peýdalanmak mümkin.



Şeýdip, ähli gerekli materiallary taýýarlap, çekmek prosesine geçmegiňiz mümkin. Şekillendirmekde nähili reňklerden peýdalanmagy öňünden oýlap almagyňyz zerurdyr.

Ak reňkli akrili suw bilen suwuk edip alýarys. Bir menzeş suwuklyga gelýänçe taýajygyň kömeginde gowy edip garyşdyrýarys. Ak guýy akril boýagymyzy dury plastmassa gaba guýýarys. Her bir gaba dürli reňkli boýaglardan goşup her birisini başga taýajyk bilen garyşdyrýarys. Reňkleriň gowy edip aralaşmagyna üns berýäris. Boýag suwuklygy galyň gaýmaga meňzeş bolmaly.

1




Indi boýag gaplaryny gyra goýup, holst (panno)dan gerekmejek elementleri alyp taşlaň we oňa reňk garyşmalaryny guýmaga taýýarlanyň. Boýaglary holst (pano)a guýmazdan ozal fluid art tehnikasynda ýerine ýetirilen işlerden nusgalar görmek we ylhamlanmak maslahat berilýär.

2




*Ilkinji esasy reňklerini, meselem, ak we gök reňkleri, soňra galan boýaglary guýmagyňyz mümkin.*

3



*Holsty ele alyp reňkleriň üstü gaplanmagy üçin ony akýan halatynda azrak aýlandyrýarys.*

4



*Reňklere üýtgeşik şekil girizmek üçin fenden peýdalanýarys.*

5



Holst (panno) ähli boýaglary döküp, üsti gaplanandan soň, ony guratmak mümkin.

Biz saç fenini ýakyp, boýaga gönükdirýäris, gapdal tarapdan howa iberýäris. Şeýdip boýaglary dürli ugurlara howanyň kömeginde buryarys we gerekli şekilleri hasyl edýäris.

Şekil gerekli şekile geçende iş prosesi tamamlanýar. Sungat eserini 7–14 günüň dowamynda arasssa ýerde tamamlamak maslahat berilýär.

Video üçin baglanyşyk

1. Fluid art tehnikasynda işlemek üçin nähili materiallar gerek?
2. Abstrakt düşünjesi hakynda nämeleri bilýärsiňiz?
3. Şekiliňizde nähili şekiller peýda bolandygyny taryplaň?

Fluid art usulynda abstrakt kompozisiýa döretmek.

# II ÇÄRÝEK

## 10-NJY TEMA: HEREKETDÄKI ADAMYŇ ŞEKILINI IŞLEMEK

Adamyň hereketini gowy çekmek üçin ony syn etmeli. Adamyň şekilini işlände göwde laýyklygyny dogry tapmak we onuň hereketini görkezmäge esasy ünsi bermek zerur. Maýda bölekler, burun, agyz we gulak ýalylary anyk işlemezden, belki olary umumy görnüşde şekillendirmek ýeterlikdir. Adam dinamik halatda örän tiz üýtgeýän bolup, ony şekillendirmekde kynçylyk döremegi tebigy ýagdaý. Şonuň üçin hem adam hereketini ýönekeý usullar bilen çeýe nokatlaryny anyklamak we konstruktiw çyzgylaryň kömeginde şekillendirmek maslahat berilýär. Adam hereketini şekillendirmägi öwrenmek, indiki surat işlemekdäki döredijilige we onuň üstünlikli çykmagynda esas bolup hyzmat edýär.







## AMALY IŞI

### Hereket edýän adamyň şekilini işlemek

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**
- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- galam artýan;
- bozguç.






1



2



3



4



1. Adamyň suratyny nähili geometrik şekillere meňzetmek mümkin?
2. Adamyň kellesi bedenine görä näçe sana dogry gelýär?
3. Adamyň tutuş bedeni şekillenen nähili şekillendiriş sungat eserlerini bilýärsiňiz?

Hereketdäki adam şekilini meýletin usulynda tamamlamak.

# 11-NJI TEMA. SILUET TEMASYNDA SURAT IŞLEMEK

Biz siluetleri diňe bir kitap sahypalarynda däl-de, eýsem gündelik durmuşda hem duş gelýäris.





*Köplenç siluetlerden belgileri şekillendirmekde peýdalanylýar.*





*Tebigatdaky siluetiň iň ýönekeý nusgasy düşýän kölege.*



*Kölege teatry*

**Siluet** – figura we obýektleriň tekiz şekili. Adatda açyk fonda syýada, goýy fonda ak reňkde ýa-da kagyzdan kesilen grafik tehnikanyň bir görnüşi sypatynda hem görkezmek bolýar. Portret sungatynda giň ýaýran.



*Siluet. Foto*

# AMALY IŞI

## Siluet temasynda surat işlemek

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**
- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- galam artýan;
- bozguç;
- akwarel ýa-da guaş boýagy;
- ýörite çotga galam;
- suw;
- palitra.









1. Siluet näme?
2. Siluet hakynda nämeleri bilýärsiňiz?
3. El hereketleriniň kömeginde dürli haýwanlaryň siluetini görkeziň.

Synpda başlan şekili tamamlamak.

# 12-NJI TEMA. ÇEPER ESERE ILLÝUSTRASIÝA IŞLEMEK

Illýustrasiýa (latynça «illustratio» – aýdyňlaşdyrmak, sergili şekillendirmek) – şekillendiriş sungatynyň edebi eser (kitap, žurnal, gazet)iň obrazly düşündirlişi bilen bagly şahasy. Tekstde goşmaça onuň mazmunyny obrazly aýdyňlaşdyrmaga, doldurmaga hyzmat edýär. Ilkinji elýazma kitaplar peýda bolan döwürlerde ýüze çykypdyr. Ilkinji elýazmalar miniatýuralar bilen bezelen, kitap neşir etmek we ksilografiýanyň ýüze çykmagy illýustrasiýany ösdürdi.

Ylmy, nazary tekst (makala, kitap we ylmy eser)leriň mazmunyny obrazly aýdyňlaşdyrýan, leksiýalarda pikiri göz öňüne getirmekde kömek edýän sergili şekiller (reproduksiýa, fotosuratlar, dürli çyzgylar) hem illýustrasiýa diýip atlandyrylýar.

Illýustrasiýalaryň täsirli çykmagy we çeper eser ideýasy awtor islegi ýaly aýdyňlaşmagy üçin çeper eseri birnäçe gezek okap çykmagy we çuňňur oýlanyşyk esasynda onuň iň kulminatsion nokatlaryna illýustrasiýalar işlemek maslahat berilýär. Çeper eserdäki gahrymanlaryň obrazyny suratlandyrmakda oňa berlenu taryplar, eserde eden işleri we gaty-hereketleri, içki geçirmeleri öwrenmeli. Bu onuň häsiýet ukuplary, ýüz we fiziki görnüşünde öz ornuny tapmaly. Kitapsöýüji çeper eseri okap, oňa işlenen illýustrasiýadan öz şekilindäki obrazy tapyp bilmegi zerur.





**Galina Li.** *Ertekilere işlenen illýustrasiýalar*



*H.Tohtaboýewiň «Sary döwi münüp» eserine işlenen ilýustratsiýa*
*(A. Mamajonow, R. Zufarow)*





**Leonid Zolotarew**. *Hans Kristian Anderseniň «Gar şa gyzy» eserine işlenen illýustrasiýa*

## AMALY IŞI

### Hans Kristian Andersenyň «Gar şa gyzy» çeper eserine illýustrasiýa işlemek

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**
- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- galam artýan;
- bozguç;
- akwarel;
- guaş boýagy;
- ýörite çotga galam;
- suw;
- palitra.








1. Illýustrasiýa näme?
2. Nähili çeper eserleri okansyňyz?
3. Çeper eserlere illýustrasiýa işlän suratçylardan kimleri bilýärsiňiz?

Hans Kristian Andersenyň «Gar şa gyzy» eserine illýustrasiýa işlemegi tamamlamak.

# 13-NJI TEMA. 2-NJI BARLAG IŞI
# SILUET TEMASYNDA SURAT IŞLEMEK



## AMALY IŞI

### Siluet temasynda meýletin surat işlemek

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**
- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- galam artýan;
- bozguç;
- akwarel;
- guaş boýagy;
- ýörite çotga galam;
- suw;
- palitra.




Geçilen temalary gaýtalamak we berkitmek.

# 14-NJI TEMA. ERKIN TEMADA KOMIKS IŞLEMEK

Komiks (iňlisçe «komiks» gülkili) çyzylan suratlardaky hekaýa. Komiks edebiýat we şekillendiriş sungat görnüşleriniň häsiýetlerini özünde jemlän. Käwagt çap neşirlerde ulanylýan kitap we žurnal illýustrasiýasynyň bir görnüşi.

Birinji komiksy iňlis karikaturaçysy we suratçysy Tomas Roulendson çeken. 1812-nji ýyldan 1821-nji ýyla çenli gazetlerde «Doktor sintaksis» hakyndaky hekaýalar neşir edildi. Tomas Roulendsony gazet komiksleriniň atasy diýip atlandyrypdyrlar.



**Tomas Roulendson.** *«Doktor sintaksis»*

**Komiksiň görnüşleri:**

**Strip komiks** – bir sahypadan köp bolmaýan kiçi komiks.

**Grafik roman komiks** – 60 sahypa we ondan artyk göwrümde bit sany kitapda neşir edilen bitewi, doly eser.

**Web komiks** – internetde çap edilýän komiks.



**Sarwar Farmonow.** *Strip komiks*




**Ikbol Salohiddinow.** Şowsuz aýdym. Grafik roman komiks

## AMALY IŞI

### Erkin temada komiks işlemek

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**
- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- galam artýan;
- bozguç;
- akwarel boýagy;
- suw;
- palitra;
- çotga galam;
- reňkli galamlar;
- flomasterler;
- gara syýaly ruçka.





**Umid Sulaýmonow.** *Komiks*




1. Komiks haçan peýda bolan?
2. Komiksiň esasçysy kim?
3. Komiks hakynda nähili pikirdesiňiz?

Komiksi tamamlamak.

# 15–16-NJY TEMA. GÜNDOGAR MINATÝURA SUNGATY

Miniatýura (fransuzça «miniature» latynça minium — gyzyl boýag) — çeper usullary örän nepis bolan kiçi göwrümli şekillendiriş sungat eseri. Orta asyr elýazmalaryny bezemek üçin döredilen nepis ajaýyp suratlar, şonuň ýaly, süňk, pergament, metall, çüýşe, käte durmuşy ýaşaýyş elementlere işlenen kiçi göwrümdäki reňkşekile hem miniatýura adalgasy ulanylýar.

Reňkşekiliň bu görnüşi Gündogarda, hususan Mawerennahrda uly şöhrat gazanan. Häzirki günde bu özbaşdak sungat görnüşi hökmünde diňe bir kitaplary däl, belki dürli hil elde ýasalan elementleri bezemekde giňden ulanylýar. Şunuň ýaly, bu görnüş özbaşdak sungat hökmünde ýyldan-ýyla meşhur bolup barýar. Miniatýura eserleri dürli döwletlerde, şunuň ýaly, Özbegistanda hem örän gadym zamandan gadymy elýazmalara işläp gelnen. Alyşir Nowaýynyň «Hamsa» eserine Kamoliddin Behzod tarapyndan işlenen miniatýuralar muňa mysal bolar.





**Kamoliddin Behzod.**
*Miniatýura eserleri*



**Kamoliddin Behzod.** *Şaýbonyhan portreti*

Gündogarda beýik suratçy hökmünde Mahmud Siýohgalam, Giýosiddin Nakgaş, Mirak Nakgaş, Kamoliddin Behzod, Kosim Ali, Mahmud Muzahhib, Abdulla Musawwir, Basawan, Rizoýi Abbosiý we başgalaryň ady meşhur. Temurylar döwrinde aýratyn sahypalara miniatýuralar işlemek we aýratyn şahslaryň şekilini (portreti)ni işlemek ösen, hususan, Hindistanda boburylar döwründe ýokary derejä göterilen.

XIV asyryň ahyrynda Samarkant miniatýura mekdebi döredilen, soňra bu Hyrat miniatýura mekdebiniň döredilmägine täsir eden. Amir Temur guran baglardaky köşkler hem diwar suratlar bilen bezelen. Temurylar seraýlarynda aýratyn kitaphanalar gurulyp, bu ýerde ussat hattot we eýeleri, şular hatarynda suratçylar hem işjeňlik görkezen. Husaýn Boýkara we Alyşir Nowaýynyň döwründe hem kitapçylyk sungaty we miniatýura ösüşine uly üns berlen. Temuriler, Şaýboniler, Baburylar döwri miniatýura eserleri dünýäniň iň abraýly muzeý, kitaphana we şahsy toplumlarynda saklanýar.

XX asyrda Ussa Mömin, A. Siddikiý, G. Nikitin, Ç. Ahmarow, T. Muhamedow ýaly suratçylaryň döredijiliginde miniatýura däpleri syn edilen.

Ç. Ahmarow miniatýura sungatynyň däplerini dowam etdirdi, täze mazmun we pikirler bilen baýlaşdyrdy. Okuwçylary bolsa mugallymyň işini dowam etdirdiler we miniatýurany täze derejä çykardylar. Bu ugurda lak miniatýuralary, kagyz, mata, deri, deridäki miniatýura we diwara çyzmak işleri gabap, köp sanly çeperçilik ugruna öwrüldi. Häzirki wagtda miniatýuralar üç ugurda – edil elýazmalar (kitap) suratlary, lakly miniatýura hem-de miniatýura usulunda diwar suratlarynyň döredilmegi çalt kämilleşýär.




*Elementlere işlenen lakly miniatýura*



**Çingiz Ahmarow**
*Şirin. Tempera*



**Çingiz Ahmarow**
*Fargonaça tans. Tempera*



*Legene işlenen agajy oýmaklyk we lakly miniatýura*



*Miniatýura. Amir Temur kabulynda. «Zafarnoma»dan*

# AMALY IŞI

## Minatýura elementlerini işlemek

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**

- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- qalam artýan;
- bozguç;
- akwarel;
- guaş boýagy;
- suw;
- ýörite çotga galam;
- palitra.









1. Miniatýura nähili sungat görnüşi?
2. Miniatýurada döredijilik eden suratçylardan kimleri bilýärsiňiz?
3. Miniatýura žanry hakynda pikiriňiz nähili?

Miniatýura elementlerini işlemegi tamamlamak.

# AMALY IŞI

## Sada minatýura kompozisiýasyny işlemek

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**

- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- galam artýan;
- bozguç;
- akwarel;
- guaş boýagy;
- suw;
- ýörite çotga galam;
- palitra.






1



2



3



4



Video üçin baglanyşyk

Döwrebap miniatýura hakynda nämeleri bilýärsiňiz?

Sada miniatýura kompozisiýasyny işlemegi tamamlamak.

# III ÇÄRÝEK

## 17-NJI TEMA: SIRK TEMASYNDA KOMPOZISIÝA IŞLEMEK (ERKIN USULDA)

Sirk (latynça «circus» – töwerek, halka) tomaşaçy sungatynyň bir görnüşidir. Sirk köp ýagdaýlarda tegelek arena we belent gümmezli binada ýerleşýär. Sirkde gözboýagçylyk, akrobatika, masgarabazlyk, eldekleşdirilen haýwanlar bilen tomoşalar görkezilýär.

Sirk sungatynyň görnüşleri akrobatika, gimnastika, ekwilibristika, klounada, žonglýorlyk, pälwanlyk, illýuzionizm, at oýunlary, darbazlyk, haýwan öwretmek ýaly žanrlary öz içine alýar.

Birinji sirk Angliýada 1768-nji ýylda iňlis çapyksuwary, telekeçi we oýlap tapyjy Filip Astleý tarapyndan guralan. Ony «döwrebap sirk atasy» diýip atlandyrypdyrlar.



*Filip Astleý*



*Filip Astleýiň ilkinji sirk tomoşalary*

Meşhur Toşkanboýewler dinastiýasynyň esasçysysy Toşkanbaý Egamberdiýew 1866-njy ýylyň mart aýynda Fargana jülgesinde eneden doglan. Onuň atasy – Egamberdi XIX asyryň 50-nji ýyllarynda Saudiýa Arabystanyň Mekge we Medine şäherlerine haj saparyna baryp, edil şol ýerde darbazlyk sungatyny öwrenýär. Ýurduna gaýdan soň, dar tikip, bu sungaty ýaýradyp, ösdürip, halk arasynda Hajy darbaz ady bilan tanylýar.

2017-nji ýylda Toşkanbaýewler dinastiýasynyň 150 ýyllyk ýubileýi giň bellenildi.



*Toşkanbaýewler dinastiýasy*

Kompozisiýa (latynça «compositio» – gurluş, birleşmek, baglanma) çeper eseriň mazmun taýdan, häsiýet we maksat nukdaýnazaryndan baglanan bölekleriň ýerleşmegi.

Kompozisiýada predmetler bir-birine şekil we reňk nukdaýnazaryndan yzygiderli ýerleşdirilýär, onda yzygiderlik, ritm sazlaşykly bolýar. Şonda döredilen eser kämil çykýar.




*Daşkent sirkiniň binasy*



*Masgarabaz. Foto*



*Pälwan. Foto*

Şekillendiriş sungatda örän köp akymlar, žanrlar, usullar we tehnikalar bar. Meselem, realizm, abstraksionizm, puantolizm, kubizm we başgalar. Siz döredýän kompozisiýaňyzy islän usul we tehnikada işlemegiňiz mümkin. Möhüm tarapy kompozisiýaňyz aýdyň, original, pugta oýlanan hem-de özünde güýçli pikiri şöhlelendirýän bolmaly. Sirk sahnasynda ýa-da milli baýramlarymyz fonynda goşmaça sirk elementleri we gahrymanlary bilen çylşyrymly kompozisiýa döredýärsiňiz. Sirk gahrymanlarynyň wezipesine onuň ýüzi we daşky görünişi laýyk bolmaly. Meselem, masgarabazy işlende ony şadyýan edip şekillendirmeli. Onuň masgarabazlygy gözünde, ýüzünde, egin-eşiklerinde hem-de hereketinde görkezilmegin kompozisiýany ýene-de janlandyrýar. Kompozisiýanyň birinji planynda esasy gahryman şekiline üns berilýär. Esasy gahryman maýda detallaryna çenli işlenýär, 2-nji we 3-nji planlar reňk we şekil nuktaýnazardan umumyrak şekillenýär.



*Sirk tomoşasy. Foto*



**Ilen Meýer.** *Sirk. Ýagly boýag*



**Marat Sadikow.** *Darbaz. Akwarel*

# AMALY IŞI

## Sirk temasynda kompozisiýa işlemek

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**

- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- galam artýan;
- bozguç;
- akwarel we guaş boýaglary.
- suw;
- palitra;
- ýörite  çotga galam.






1



2



3



4



1. Kompozisiýa näme?
2. Özbek sirk sungaty hakynda aýdyp beriň?
3. Sirk tamasynda kompozision eser döreden haýsy suratçylary bilýärsiňiz?

Sirk temasynda giň möçberli kompozisiýa işlemek (erkin usulda).

# 18-NJI TEMA. POP ART USULYNDA HAÝWANLARYŇ ŞEKILINI IŞLEMEK

Pop art – Günbatar Ýevropa we ABŞ şekillendiriş sungatynda 1950-nji ýyllaryň soňy we 1960-njy ýyllarda peýda bolan ugur. Pop art usulynda şekiller, banan, konserwa gutusy ýa-da haýwanlaryň suraty bolýarmy, hemişe aýdyň, dürli reňkdäki, röwşen we şadyýan häsiýete eýe. Şonuň üçin bu döredijilik usulyny giňden köpçülik halaýar.

## Pop art usulynda çekilen suratlardan nusgalar










# AMALY IŞI

## Pop art usulynda öý ýa-da ýabany haýwanlardan birini guaş ýa-da akwarel boýagyndan peýdalanyp işlemek

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**
- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- galam artýan;
- bozguç;
- akwarel we guaş boýaglary.
- suw;
- palitra;
- ýörite  çotga galam.






1



2



3



4



1. Pop art nirede peýda bolupdyr?
2. Pop art usuly hakynda pikiriňiz nähili?

Öý ýa-da ýabany haýwanlardan biriniň şekilini tamamlamak.

# 19-NJY TEMA. ABSTRAKT KOMPOZISIÝALY MAKET ÝASAMAK

**Abstraksiýa** (latynça «abstractio» – ünsüni bölmek, aýyrmak, kadadan çykma) – kesgitli däl, hyýaly pikirler bilen bagly bolan düşünje.

Maket – eskizi taslama. Binagärçilikde tasalama edilen ýa-da bar gurulma, ansambl, binagärlik toplumyň kiçeldilen göwrümde taýýarlanan nusgasy. Arhitektura we interýer pudaklarynda maket möhim hasaplanylýar.

Gowy maket taslamasyny döretmek üçin peýdalanylýan materiallar we serişdeleriň ýokary hillisini saýlamak talap edilýär. Maket ýasamakda materiallar iki sany topara bölünýär: esasy we kömekçi.

Esasy materiallara kagyz, karton, penoplast we plastmassa degişli. Ýörite ýasalan agaçlar, çyralar, adamlar, oturgyçlar, awtomobiller, gazon we başga kömekçi materiallardyr.

Biz sapakda gaty galyň kagyz ýa-da kartondan peýdalanýarys.

Abstrakt maket diýlende adaty däl hyýal we oýlanma kömeginde döredilen maketler düşünilýär. Abstrakt maketlere Zaha Hadidyň döwrebap binalaryny getirmegimiz mümkin.



**Zaha Hadid.**
*Grand Rabat teatrynyň taslamasy*



*Abstrakt binanyň makedi*



**Döwlet Jabbarow.** *Abstrakt maket. Karton.*

## AMALY IŞI

### Abstrakt komozitsiýaly maket işlemek

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**
- surat depderi;
- karton
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- galam artýan;
- bozguç;
- çyzgyç.
- sirkul;
- ýörite pyçak;
- ýelim.




Video üçin baglanyşyk



1



2



3



4



1. Maket näme?
2. Maket masştaby diýlende nämä düşünýärsiňiz?
3. Maket ýasamak üçin nähili materiallar zerur?

Abstrakt komozitsiýaly maket işlemegi tamamlamak.

# 20-NJI TEMA. 3D USULYNDA SURAT IŞLEMEK

Häzirde 3D şekiller örän meşhurdyr. Olary graffiti (jaýlar we başga binalar diwarlarynda) we sosial aragatnaşyklardaky suratlarda görmegiňiz mümkin.

3D ölçegdäki şekiller XVI-asyrda peýda bolan. Orta asyrlar suratçylary hek bilen diwarlara, geçelgelere surat çekipdirler, soňra köp şäherler häkimýeti bu hili döredijiligi höweslendirip başlan. Maksat – mümkin boldugyça köp syýahatçylary getirmek we şäher gaznasyny doldurmak. Adamlaryň arasynda köçe sungatyna bolan söýgi häzire çenli saklanyp galdy. Kompýuterleriň peýda bolmagy 3D sungatyny ýene-de kämilleşdirdi.



**Nikolaý Arndt.** *Asfalta işlenen 3D şekil*



**Leona Kira.** *Asfalta işlenen 3D şekil*





**Karlos Alberto.** *Diwara işlenen 3D şekil*

Göwrüm kömeginde hyýaly 3D effektini döretmegiňiz mümkin. Şekillenýän göwrümler esasan kölegeleriň häsiýetlerine bagly.











## AMALY IŞI

### 3D usulynda kebelegiň suratyny dürli galam ýa-da ruçkalar bilen şekillendirmek

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**
- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- galam artýan;
- bozguç;
- ruçka;
- reňkli galamlar.








1. 3D şekil haçan peýda bolan?
2. Şekillendiriş sungaty we 3D ölçegli şekil hakynda siziň pikiriňiz nähili?

3D usulyndaky kebelegiň şekilini tamamlamak.

# 21-NJI TEMA. «ZENTANGLE» WE «DOODLING» USULYNDA SURAT IŞLEMEK

«Zentangle» bu – bir wagtyň özünde birnäçe sany ugurlary birleşdiren täze sungat görnüşi, ussatlyk, meditatsiýa, rahatlanmak we özbaşdak iş sypatynda, nagyş esasynda original şekiller döretmek usuly.

«Zentangle» usuly nagyşlaryň gaýtalanmagyndan ybarat. Köp nagyşlary bir sany suratda birleşdirtmek mümkin we tehnikanyň özi örän erkin we intuitiwdir. Sizde suratçylyga ukup başarnyk bolmasa-da, «Zentangle» tehnikasynda aňsatlyk bilen özüne has we örän gyzykly eserler döretmegiňiz mümkin.

«Zentangle» 2006-njy ýylda sungat görnüşi hökmünde resmi sanawa alnan. Onuň esasçylary Rik Roberts we Mariýa Tomasdyr.

Klassik «Zentangle» hemişe taraplary 8,9 cm bolan kwadrat ak kagyza gara syýa bilen çekilýär. Özüňüze laýyk gelýän her hili kagyz we amatly galamyň kömeginde döredijiligi başlamagyňyz mümkin.



*«Zentangle» we «Doodling»* usuly



*«Zentangle» usulunda işlenen nagyşlar*



«Doodling» (iňlisçe «doodle» – çyzgy) bu – döwrebap sungatyň bir görnüşi we suratçylyk ukubyna eýe bolmadyk adamlar üçin hem amatly bolan çekmek usuludyr.

Sungat eserlerini esasan ýönekeý töwereklerden ýasaýan bu usul janköýerleri dünýäde örän köp. «Doodling»de işlemek arkaly kompozisiýa döretmek başarnyklary şekillenýär.

## «Doodling» usulynda işlenen suratlar



Video üçin baglanyşyk





## A M A L Y   I Ş I

**«Zentangle» usulynda surat işlemek.**

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**
- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- galam artýan;
- bozguç;
- gara syýaly ruçka;
- flomaster.









1. «Zentangle» usuly haçan peýda bolan?
2. «Zentangle» we «Doodling» usulynyň esasçylary kim?
3. «Zentangle» we «Doodling» usuly hakynda pikiriňiz nähili?

«Zentangle» usulyndaky suraty tamamlamak.

# 22-NJI TEMA. MOZAIKA USULYNDA ŞEKIL IŞLEMEK

**Mozaika** (fransuzça «masaique» – ylhama bagyşlanan) – bir hil ýa-da dürli çig mal (koşin, daş, agaç, mermer, metal we şu ýaly) böleklerinden işlenen şekil, nagyş. Ajaýyp (monumental) bezeg sungatynyň esasy görnüşlerinden. Esasna binalar, amaly sungat eserlerini bezemekde, oturgyçly sungat eserlerini döretmekde peýdalanylýar.



*Özbegistan döwlet amaly sungaty muzeýiniň diwaryna işlenen kompozisiýa. Mozaika*



*Nodir Dewonbegi medresesiniň üçegine işlenen mif (rowaýat) guşuň kompozisiýasy. Mozaika*





Mozaika usulynda tuty guşuň şekilini işlemek üçin ilkibaşda toty guşuň suratyny çekip, dürli burçly ýa-da birikdirilen egri çyzykly şekilleri hasyl etmek arkaly boýamak maslahat berlýär. Bu proses toty guşu şekillendirmekde mozaika böleklerini owadan ýerleşdirmek mümkinçiligini berýär. Mozaika böleklerini taýýarlamak üçin toty guşuň şekiliniň reňkleri esasynda gerekli bolmadyk reňkli žurnal, katalog we şuňa meňzeş elementlerden dürli reňkli kagyz böleklerini ýygýarys. Toty guşuň reňkli şekillerini kesip alyp, şekile ýelimiň kömeginde ýapyşdyrýarys.





**Piter Paul Rubens.** *Toty guş*

## AMALY IŞI

### Toty guşuň suratyny mozaika usulynda şekillendirmek

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**
- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- galam artýan;
- bozguç;
- akwarel ýa-da guaş boýagy;
- suw;
- ýörite çotga galam;
- palitra;
- reňkli kagyzlar, gazet-žurnallar;
- gaýçy;
- ýelim.








1. Mozaika näme?
2. Mozaika žanrynda döredijilik eden suratçylardan kimleri bilýärsiňiz?
3. Mozaikanyň applikatsiýadan tapawudy nämede?

Toty guşuň şekilini mozaika usulynda işlemegi tamamlamak.

# 23-NJI TEMA. DÜRLI MATERIALLARDAN FANTASTIK OBRAZLAR ÝASAMAK

Döwrebap heýkeltaraşlyk ähli döwrebap sungatlar hatarynda ösüp gelýär. Heýkeltaraşlykda bu günki günde dürli materiallardan peýdalanylýar. Palçyk, gips, plastilin, agaç, çüýşe, mermer, daş, dürli hili metallar hem-de gaýtadan işlenen önümler şular hataryndan.

Modern heýkeltaraşlyga kubizm, geometrik abstraksiýa, de stil, supermatizm, konstruktiwizm, dadaizm, sýurrealizm, futurizm, ekspressionizm, pop art, minimalizm, postminimalizm, land art, konseptual sungat we başgalar girýär.

Ganatly uçýan atlar hakynda köp rowaýatlary bilýärsiňiz, olara çeper eserlerde hem-de kinolarda duş gelenýänsiňiz. Ol gowulyk simwoly hökmünde ynsanlara kömek berýär, ejizleri goraýar, adalat ýolunda göreşýär. Durmuşda bu jandar ýoklugyny gowy bilseňiz-de, onuň suratyny dürli görnüşde çekmäge, ýasamaga synanyşýarsyňyz. Ähliňiz öz hyýalyňyz esasynda onuň obrazyny göwdelendirýärsiňiz. Geliň, bu günki sapagymyzda plastilin ýa-da öýümizde bar gaýtadan alnan önümlerden ganatly uçýan at obrazyny ýasap görýäris.



Video üçin baglanyşyk

Uçýan at. Foto

**Dürli materiallardan ýasalan uçýan atyň heýkelleri**









# AMALY IŞI

## Gaýtadan alnan önümlerden fantastik obrazlar ýasamak

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**
- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- galam artýan;
- bozguç;
- dürli galyňlykdaky egilýän sim;
- gips ýa-da agaç esas;
- plastilin;
- heýkel ýasamak üçin esbaplar.






1



2



3



4



1. Gaýtadan alnan önüm diýlende nämäni düşünýärsiňiz?
2. Fantastik obrazlar hakynda gürrüň beriň.
3. Döwrebap heýkeltaraşlardan kimleri bilýärsiňiz?

Dürli materiallardan fantastik obrazlar ýasamak.

# 24-NJI TEMA. DÜRLI MATERIALLARDAN WE TEHNIKALARDAN PEÝDALANYP KINETIK HEÝKEL ÝASAMAK

Kinetik sungat, kinetikizm (gerkçe «kinetikos» – herekete getiriji) hereketlenýän effektler bilen ýasalýan döwrebap sungat görnüşi. Tehnika pudagyndaky ösüş netijesinde ynsan çeper şöhlelendirmäniň täze görnüşini döretmäge hereket edýär.

Döwrebap suratçylar we heýkeltaraşlar uzak wagtdan bäri umumy ykrar edilen «şekillendiriş sungaty» düşünjesinden çykyp gidipdirler. Olar hakyky oýlap tapyjy görnüşinde «kinetik sungat» diýip atlandyrylan aýratyn çeper ugury döretdiler. Kinetizm ýönekeý pikire esaslanýar. Şemal, ýagtylyk we hereketiň täsirinde tomaşaçy göz öňüne düýp manyda «janlanýan» derejede sungat obýektini döretmek mümkin. Bu günki günde haýran galdyryjy ideal kinetik heýkeller bar.







Video üçin baglanyşyk

Gollandiýaly suratçy Teo Ýansen şemallar bilen herekete getirýän hakyky üýtgeşik sungat eserini döretdi. Gumly plýajlar boýunça ülkän ölçegdäki hyýaly janly-jandarlar arkaýyn gezip ýöreýär. Bu jadylanan tomaşaçylaryň doly rahat we geňligine sebäp bolýar. Bu gahrymanlar fantastik eser sahypalaryndan çykyp, adamlaryň arasynda ýaşaýana meňzeýär.



**Animari.** *Kinetik heýkel*



*Teo Ýansen*

Teo Ýansen – golland suratçysy we kinetik heýkeltaraş. Haýwan skeletlerini ýada salýan, gumly plýajlarda şemalyň täsirinde hereketlenýän ýörite kinetik heýkelleri bilen meşhur. Ýansen bu heýkelleri «haýwanlar», «jandarlar», «emeli durmuş şekilleri» diýip atlandyrýar.



*«Strandbeest». Kinetik heýkel*

Video üçin baglanyşyk

# AMALY IŞI

## Dürli materiallar we tehnikalardan peýdalanyp kinetik heýkel ýasamak

Ýönekeý kinetik heýkeljik ýasamak üçin karton kagyzyny alýarys we deň iki bölege bölýäris. Plastik gap gapagyndan peýdalanyp iki sany tegelek çyzyp alýarys. Tegeleklere adamjyklaryň şekilini çyzýarys we boýaýarys. Kagyzdan suraty gyrkyp alýarys we bizde iki sany adam şekili hasyl bolar. Gapak içine ýarmyndan azajyk köpräk mukdarda dykyz edip plastilin ýerleşdirýäris. Ýelimiň kömeginde adamjyk şekilini gapagyň öň tarapy we arkasyna birikdirýäris. Kinetik heýkelimiz taýýar, ony stol üstüne goýup, herekete getirmek bolar.

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**
- karton kagyz;
- plastik gap gapagy;
- flomaster;
- akwarel;
- ýörite çotga galam;
- suw;
- palitra;
- ýelim;
- plastilin.







1. Kinetika näme?
2. Heýkelteraşlykda nähili kinetik heýkeliň görnüşlerini bilýärsiňiz?
3. Kinetik heýkeltaraşlyk hakynda pikiriňiz nähili?

Ýönekeý kinetik heýkel ýasamak.

# 25-NJI TEMA. 3-NJI BARLAG IŞ
# «DOODLING» USULYNDA SURAT IŞLEMEK

## AMALY IŞI

### «Doodling» usulynda meýletin surat işlemek




**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**

- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- galam artýan;
- bozguç;
- gara syýaly ruçka.



Geçilen temalary gaýtalamak we berkitmek.

# 26-NJY TEMA. DÜRLI MATERIALLARDAN PEÝDALANYP STILIZASIÝA (STILLEŞDIRME) USULYNDA HEÝKEL ÝASAMAK

Tebigatda bar bolan real predmet mazmunyny ýok etmedik ýagdaýda, ondan çeper şekiller, tymsallar döretmek *stilizasiýa* (usul) diýilýär. Stilizasiýa sungatyň ähli ugurlarynda bar, ol maksat we wezipä görä diýseň giň düşünje. Şekillendiriş sungaty we heýkeltaraşlykda giň peýdalanylýar.

Heýkeltaraşlykda tebigatda bar bolan dürli ösümlikler, jandarlar, elementleriň umumy şekilini alyp, ondan täze mazmun, şekil we sungat eserini döretmek usuly emele gelen. Guş şekilini ýada salýan öý hojalyk gaplary, awtoulag şekilini ýada salýan dürli elementler, haýwanlar şekilini ýada salýan abstrakt heýkeller stilizasiýa mysal bolar.



Stilizasiýanyň (sitilleşdirmäniň) ösmegi täze dizaýndaky oýlap tapmalaryň peýda bolmagyna, senagat dizaýnyň ösmegine getirdi.

**Igor Pawlow eserlerinden nusga**





*Pişigiň heýkeli. Keramika*








*Stilizasiýa taslamalaryndan nusgalar*



*Jan-Pýer Ojýe. Ene heýkeli. Metall*



**Jak Lipsşist.** *Gitaraçynyň heýkeli*

## AMALY IŞI

**Stilizasiýa (stilleşdirme) usulyndan peýdalanyp adamyň heýkelini ýasamak**

**Heýkel işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**
- gips ýa-da agaç esas;
- sim;
- plastilin;
- stek (plastilinde işlemek üçin esbaplary).






1



2



3



4



1. Stilizasiýa  (stilleşdirme) näme?
2. Stilizasiýa (stilleşdirme) usulunda döredilen nähili öý hojalyk elementlerini ýa-da tehnikalaryny bilýärsiňiz?
3. Stilizasiýa (stilleşdirme) usulunda döredilen heýkeltaraşlyk eserleri hakynda pikiriňiz.

Stilizasiýa (stilleşdirme) usulundan peýdalanyp adamyň heýkelini ýasamagy tamamalamak.

# IV ÇÄRÝEK

## 10-NJY TEMA: ÇÄRE ÜÇIN EMBLEMA DÖRETMEK

Emblema (nyşan, tymsal) köpçülige düşnükli, anyk we aýdyň şekillenen bolmagy zerur. Emblemalarda adatda simwolly belgilerden peýdalanylýar. Bu günki günde bolsa adaty däl abstrakt emblemalar dizaýnlary ösüp barýar.

Emblemalar ştamp, logotip, brend ýaly düşünjeler bilen uýgun we bagly. Tehnik ösüş sebäpli senagat, tälim, saglygy goraýyş, biznes, telekeçilik ýaly başga köp pudaklarda hem emblemalar ösüp bardy. Dürli guramalar, firmalar, edaralar öz maksat we wezipelerine has logotiplerine eýe. Şol logotipler arkaly ynsanlar olar hakynda bilýärler. Bu günki günde original, gaýtalanmaýan emblemalar, logotipleriň milliardlap görnüşleri bar.

Respublika
ta’lim markazi





Mekdepde dürli hil baýramlar, bäsleşiklere bagyşlanan çäreler guralýar. Bu çärelerde emblemalar döretmek möhim sanalýar. Emblemada toparyň ady, onuň maksady, pikiri şöhlelendirilýär. Emblema döretmekden öňürti siz çäreniň özüne haslygy, häsiýetini anyklap almagyňyz gerek bolýar. Emblemada toparyň haýsy taraplaryny görkezjekdigiňizi anyklaşdyrýaňyz.

Emblemany modern (döwrebap), minimalizm (kem belgili, sada), abstarkt, stilleşdirme we başga usulda döretmek mümkin. Emblema pikiri taýýar bolandan soň, elementler çyzyp alynýar. Emblemanyň elementlerini kompozision ýerleşdirmek üçin dürli şekil we reňklerde eskizler bejerilýär. Reňkleriň sazlaşykly, çäre mazmunyna laýyk we has, röwşen, saýlanyp durýan we ynsanlary özüne çekiji bolmagy örän ähmiýetli. Ata-eneňiz, ýakynlaryňyzyň we mugallymyňyzyň kömegi bilen ýerine ýetirilen eskizlerden makulyny saýlamak maksada laýyk.



# AMALY IŞI

## Çäre üçin emblema döretmek

**Emblema işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**

- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- galam artýan;
- bozguç;
- akwarel;
- guaş boýagy;
- suw;
- ýörite çotga galam;
- palitra.











1



2




3




4

1. Emblema näme?
2. Emblema we logotipiň tapawudy nämede?

Çäre üçin emblema döretmek.

# 28-NJI TEMA. PLAKAT GRAFIKASY

**Plakat** (nemisçe. «Plakat», — yglan etmek, bildiriş) — grafika görnüşi, uly kagyza işlenen şekillendiriş sungat eseri. Plakatda gysga tekst goşmaça edilýär, ündew, reklama, maglumat we okuw bilim maksatlaryna hyzmat edýär.

Plakat grafikasy sergili magulamtlaryny ykjam şekilde öz içine alan, prezentasiýaly uly formatdaky çap neşiridir.

Döwrebap plakat, adatda, suratçy döreden asyl nusgadan çaphanada köpeldilýär.

Özbegistanda plakat XIX asyryň ahyry XX asyryň başlarynda peýda boldy, XX asyryň 20-nji ýyllaryndan giň ýaýrady. Ilkinji ýyllarda elde işlenen we köpeldilen. Çap edilýän plakatlar 1923-1924-nji ýyllardan çap edilip başlandy. Ussa Nabi Hafizow, M. Kurzin, W. Ufimsew, W. Kaýdalow we başga suratçylar bu ugurda netijeli döredijilik eden. 1960-1980-nji ýyllarda A. Balkanow, W. Gromiko, F. Kagarow, W. Ýewenko, T. Tkaçew we başga suratçylaryň parahatçylyk, ahlak, ykdysadyýet, medeni we terbiýeçilik temalardaky eserleri döredildi. Şol sanda, F. Kagarowyň parahatçylyk temasyndaky plakatlary halkara ýygnaklaryň simwolyna öwrüldi.

**Plakatyň aşakdaky görnüşleri bar:**

- teatr plakatlary;
- reklama plakatlary;
- kompaniýa plakatlary;
- kino reklamalary;
- aýdym plakatlary;
- sport plakatlary;
- sosial plakatlary;
- okuw plakatlary.




*H. Muratow. Tebigaty goraň*






**F. Kagarow.**
*Asudalyk*



# AMALY IŞI

## «Ekologiýany goraň» temasynda plakat işlemek

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**
- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplamy;
- galam artýan;
- bozguç;
- akwarel;
- guaş boýagy;
- suw;
- ýörite çotga galam;
- palitra.









1. Plakat grafikasy näme?
2. Plakat grafikasynda döredijilik eden haýsy suratçylary bilýärsiňiz?

«Biz neşe serişdelerine garşy» temasynda plakat işlemek.

# 29-NJY TEMA. KOSMOS TEMASYNDAKY ABSTRAKT KOMPOZISIÝANY KOMPÝUTER GRAFIKASYNDA ÇEKMEK WE BOÝAMAK

Bu günki günde şekillendiriş sungaty pudagynda hem döwrebap kompýuter tehnologiýalary depginli girip gelýär. Kino, animatsiýa, reklama we dizaýn pudaklarynda kompýuter tehnologiýalary we programmalary şekiller işlemekde amatlylyklary döredýär. Wagt tygşytlamagy, kyn proseslerdäki meseleleriň aňsat çözülişi, köp wezipeleri kompýuter programmalarynyň özi awtomatik ýerine ýetirmegi şularyň hataryndan.

**Grafik programmalar**

Paint | Krita | Photoshop | Corel Draw









**Krita** – mugt we açyk çeşmeli rastrly grafik programmasy. Ady şwed dilinden alnan bolup «hekde çekmek» diýen manyny aňladýar. Esasan suratçylar we fotosuratçylar üçin döredilen. Bu programmany kompýutere geçirip, şekil çekmegi öwrenýäris.




*https://krita.org/en/download/krita-desktop/*

Krita programmasyny aşakdaky salgylanma ýa-da QR kody skanerlemek arkaly ýükläp alyp bilersiňiz.




Programma ýerleşdililende kompýuter ekranynda programma logotipi peýda bolýar.

Programmany işe düşürenimizde programma penjiresi aşakdaky görnüşde bolýar. Täze resminama döretmek üçin ekranyň çep ýokarky bölegine «New File» (Ctrl+N) düwmesi basylýar.



«New File» (Ctrl+N) düwmesi basylanda aşakdaky täze kiçi penjire açylýar. Bu penjirede açylmagy meýilleşdirilýän täze sahypanyň ölçegleri, şekili, reňkleri, hili, ozal işlenen taslamalary ýüklemek, faýl görnüşi ýaly birnäçe funksiýalar bar.







«Create» düwmesini basandan soňra, täze resminama penjiresi peýda bolar.



Ak penjire surat çekmek araçägi hasaplanyp, onuň ýokary, çep we sag böleklerinde surat çekmek üçin zerur iş gurallary we reňkleriň palitrasy bar.



Çotga galam saýlamak bölümünde bozguç, qalam, çotga galam, boýag görnüşleri we fakturalary, dag, maýsa, agaç şekilleri, pürküp sepmek fakturasy we şunuň ýaly köp çekmägi ýeňilleşdirýän taýýar kontentler bar.

## AMALY IŞI

**Kosmos temasyndaky abstrakt kompozisiýany kompýuter grafikasynda çekmek we boýamak**



**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**
- komýuter ýa-da planşet;
- Krita programmasy.

Kosmos temasyndaky kompýuter grafikasynda surat işlemek üçin ilkinji nobatda kompozisiýany çyzyp, boýaýarys. Taýýar kompozisiýanyň eskizinden peýdalanyp Krita grafik programmasynda çekýäris.

Aşakdaky QR kod arkaly «Kosmos» temasynda Krita programmasynda çekilen wideo geçiň.



Video üçin baglanyşyk







1. Kosmos hakynda nämeleri bilýärsiňiz?
2. Nähili grafik programmalary bilýärsiňiz?
3. Krita programmasy we onuň mümkinçilikleri hakynda pikiriňiz nähili?

Kosmos temasymndaky abstrakt kompozisiýany erkin usulda işlemek.

# 30-NJY TEMA. HYÝALDAKY MODERN AWTOMOBILIŇ SURATYNY IŞLEMEK

Gelejek we ony hyýal edip bilmek örän möhüm. Köp oýlap tapylmalar hyýaly älem, fantaziýa we ylmy garaýyşlar arkaly ýüze çykypdyr. Howada uçýan maşynlar, döwrebap şäher landşaftlary, geň yşyklandyrylan binalar – bularyň ählisi bir garaýyşda hyýala meňzeýär. Ynsanlaryň bu hyýallary bu günki günde durmuşyna geçirlip ýetişdi.



Gelejek awtomobilleriniň dünýäsi göz öňümizde hyýal edip bolmajak tizlikde üýtgeýär. Ýaňy-ýakynda adamlar at-arabalarda ýördüler. Häzirki halata seredip, geljekde bize nämeler garaşýandygyny göz öňüne getirmek kyn däl.

Alymlar ýakyn geljekde bio ýa-da gün energiýasy ýaly alternatiw ýangyja geçmegi çak edýärler. Bu garaýyş bilen awtomobilleriň daşky görünişi hem üýtgeýär. Döwrebap awtomobilleri döretmekde ähli detallara üns bermek zerur. Mysal üçin, ilki bilen ynsanyň ömri üçin hemme taraplaýyn howpsuz, ekologiýa üçin ýaramaz täsir ýetirmeýän, tersine, peýdaly, ýol dyknyşyklary ýaly birhatar meselelere çözgüt boýlan awtomobiller oýlap tapylmagy zerurdyr.





*Geljekki awtomobiliniň taslamasy*





*Geljekki awtomobil*

Ýangyçly (benzinli) dwigatel bilen enjamlanan ýönekeý awtomobil we uçar gibridi 2500 metr belentlige çenli ýokary galmak we 1000 km aralygy basyp geçmäge başarnykly geljekki awtomobilidir. Klein Wision kompaniýasy tarapyndan döredilen bu awtomobil 2 minut 15 sekuntda uçara öwrülýär. Howada sagadyna 170 km tizlige eýe bolýar. Kabinasyna iki adam sygýar.







Video üçin baglanyşyk

*Awtomobil we uçaryň gibridi*

# AMALY IŞI

## Hyýaldaky modern awtomobil suratyny işlemek

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**
- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- galam artýan;
- bozguç;
- akwarel;
- guaş boýagy;
- suw;
- ýörite çotga galam;
- palitra.






1



2



3



4



1. «Modern» sözüniň manysy näme?
2. Haýsy görnüşdäki awtomobil modellerini bilýärsiňiz?
3. Gelejek awtomobillerini nähili hyýal edýärsiňiz?

Hyýaldaky modern awtomobil suratyny işlemegi tamamlamak.

# 31–32-NJI TEMA. PLENER (AÇYK HOWADA IŞLEMEK)

Plener (fransuz dilinde «en plein air» – açyk howada) gün şöhlesi we daş-töwerekdäki atmosferanyň täsirinde reňk üýtgemeginiň suratdaky şekilini aňladýan adalga. Plener ussahanada däl, belki tebigatyň içinde suratlar döretmegi aňladýar. Bu proses tebigaty tebigy reňklerde düşünmek üçin esas bolup hyzmat edýär.

Tebigatyň gözelligi, onuň gaýtalanmazlygy özüne hasdyr. Gün şöhlesi we daş-töweregimizi gurşap duran daşky gurşaw reňkleriň sazlaşygynyň tükenmez çeşmesidir. Tebigat, daş-töweregiň ynsana, onuň duýgusyna, hem-de oýuna bolan bolan çuňňur täsiri, şekillendiriş sungatda peýzaž žanrynyň kemela gelmegine badalga boldy.

Şekillendiriş sungatynyň peýzaž žanrynda döredilen eserler bilen tanyşmak ynsan ruhy dünýäsini berkleşdirýär, içki duýgularyny kämilleşdirýär. Tebigat gözelligini hakyky şekillendirmek oňa görä suratçynyň aragatnaşygyny belleýär. Şol sebäpden hem peýzaž žanry ynsyn duýgularyny ajaýyp terbiýelemeginiň möhim faktory hasaplanýar.

Pleneriň peýda bolmagy XIX asyr başlarynda Angliýada Jon Konstebl we Riçhard Parkes Boningtonyň atlary bilen bagly. Plenerizim usuly fransuz impressionistleriniň arasynda örän meşhur bolupdyr. Jan-Batist Kamil Korot, Jan-Fransua Millet, Kamil Pissarro, Pýer-Ogýust Renuar we Klod Mone ýaly suratçylar pleneriň ösmegine goşant goşupdyrlar. Russiýada XIX asyryň ikinji ýarymy we XX asyryň başlarynda plener şekilinde Wasiliý Polenow, Isaak Lewitan, Walentin Serow, Konstantin Korowin, Igor Grabar üstünlikli döredijilik edipdirler.

Özbegistanda Ö. Tansykboýew, P. Benkow, R. Ahmedow, N. Koziboýew, Z. Inogomow, M. Saidow we başgalar peýzaž žanrynda döredijilik edipdirler.



*Robert Antuan Pinçon Plenerde. 1898-nji ýyl.*



*Awstraliýaly impressionist Artur Streeton Plenerde. 1892-nji ýyl.*

Video üçin baglanyşyk







*Plener prosesi we çekilen suratlar*

# AMALY IŞI

## Plenerde tebigatyň özüne seredip surat işlemek

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**
- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- galam artýan;
- bozguç;
- akwarel;
- guaş boýagy;
- suw;
- ýörite çotga galam;
- palitra.






Video üçin baglanyşyk

1



2



3



4



1. «Plener» sözüniň manysy näme?
2. Plenerde döredijilik eden suratçylardan kimleri bilýärsiňiz?
3. Plenerde surat işlemekde nämelere üns bermek zerur?

Plenerde bina görnüşiniň şekilini akwarelde işlemek.
Okuw ýylynyň dowamynda ýerine ýetirilen ähli wezipeleri we özbaşdak döredijilik işlerini sergä taýýarlamak.

# 33-NJI TEMA. BARLAG IŞ.
# «MENIŇ OÝLAP TAPYŞYM» TEMASYNDA HYÝAL ESASYNDA SURAT IŞLEMEK




«Meniň oýlap tapyşym» temasynda hyýal esasynda surat çekmek üçin ilki bilen döredijilik (oýlap tapyşlyk) temasyny maslahat ediň we atlandyryň. Aşakdaky soraglar «Meniň oýlap tapyşym» suratyny işlemegä kömek eder.

1. Bu oýlap tapyşyň peýdalary näme we maksady näme?
2. Oýlap tapmany döretmekde nähili maeriallardan peýdalanylýar?

## AMALY IŞI

### «Meniň oýlap tapyşym» temasynda hyýaly surat işlemek

**Şekili işlemek üçin zerur bolan okuw gurallary:**
- surat depderi;
- gaty we ýumşak grafit galamlaryň toplumy;
- galam artýan;
- bozguç;
- akwarel;
- guaş boýagy;
- suw;
- ýörite çotga galam;
- palitra.




Geçilen temalary gaýtalamak we berkitmek.

# 34-NJI TEMA. DÖREDIJILIKLI SERGI

Sergi iň gyzykly aragatnaşyk serişdelerinden bolup, döredijilikli işjeňligi ösdürmek üçin höweslendirmek usullaryndan biridir.

Sergide bütin toparyň (topar sergileri) ýa-da indiwidual (şahsy) üstünliklerini görkezmek mümkin.

Sergi görnüşleri temaly, gutarnykly, ýarmarkalar, bäsleşikler, prezentasiýalar görnüşinde bolýar.

Sergini gurnamak örän köp zähmet talap edilýän iş. Siz sergi gatnaşyjysy we guramaçy hökmünde gatnaşýarsyňyz. Döredijilikli zähmet prosesinde erjellik, guramaçylylyk, özbaşdaklyk, iş bejermegiň iň dogry usul we amallaryny saýlap almak ýaly gymmatly wezipeler emele gelýär, bu bosa öz güýjüni synap görmek we üstünlige ýetişmek mümkinçiligini berýär.

## AMALY IŞI

### Döredijilikli sergi



Okuw ýylynyň dowamynda işleýän döredijilikli işleriňize hasabat görnüşinde sergi guraň.





1. Sergi näme?
2. Serginiň nähili görnüşlerini bilýärsiňiz?
3. Gurnalan sergi hakynda pikiriňizi aýdyň.

Geçilen temalary gaýtalamak we berkitmek.

*O‘quv nashri*

# Tasviriy san’at

*Umumiy o‘rta ta’lim maktablarining*
*6-sinfi uchun darslik*

*(Turkman tilida)*

Terjime eden *Altynaý Haýrullaýewa*
Suratçy *Umid Suleýmanow*
Redaktor *Aýnura Alymjanowa*
Çeper redaktor *Sarwar Farmanow*
Tehnik redaktor *Akmal Suleýmanow*
Korrektor *Şahnoza Ahmedowa*
Sahypalaýjy *Alimardon Akilow*

Çap etmäge 2022-nji ýylyň 1-nji iýulynda rugsat edildi.
Möçberi 60x84 $^{1}/_{8}$. Arial garniturasy. Kegli 12.
Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 14,88. Neşirýat-hasap listi 12,16.
___nusgada çap edildi. Buýurma № ___.

## Kärendä berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| № | Okuwçynyň ady, familýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly | Dersligiň tabşyrylan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. | | | | | | |
| 2. | | | | | | |
| 3. | | | | | | |
| 4. | | | | | | |
| 5. | | | | | | |
| 6. | | | | | | |

## Derslik kärendä berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtaryp alnanda ýokarky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky bahalanmak tertibine esaslanyp doldurylýar:

| | |
|---|---|
| **Täze** | Dersligiň ilkinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| **Gowy** | Sahaby gowy, dersligiň esasy bölеginden bölünmedik. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzgylar ýok. |
| **Kanagat-lanarly** | Sahaby ýenjilen, kä ýerleri çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden bölek ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan, kanagatlanarly derejede abatlanypdyr. Goparlan sahypalary ýelimlenen käbir sahypalary çyzylan. |
| **Kanagat-lanarsyz** | Sahaby çyzylan, ýyrtyk, esasy böleginden aýrylan ýyrtylan ýeri düşüp galan, kanagatlanarsyz derejede abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, listleri ýetişmeýär, çyzyp taşlanan. Dersligi gaýtadan dikeldip bolmaýar. |